Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň Aspirantura bölüminde aşakdaky hünärler boýunça aspirantura kabul edilýär we kandidatlyk dissertasiýalaryny taýýarlamak üçin dalaşgärler hasaba alynýar:

1. 01.04.10 – Ýarymgeçirijileriň fizikasy hünäri boýunça;
2. 05.12.13 – Telekommunikasiýa ulgamlary, torlary we gurnawlary hünäri boýunça;
3. 05.13.01 – Ulgamlaýyn seljerme, informasiýany dolandyrmak we işlemek (pudaklar boýunça) hünäri boýunça.

## ASPIRANTURA KABUL ETMEGIŇ TERTIBI:

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda çykaran 9378 belgili Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanda ylmy işgärleri taýýarlamak hakynda Düzgünnama” laýyklykda, aspirantura ýokary bilimli, azyndan 5 ýyl iş tejribesi bolan, saýlan ugry boýunça ylmy gözlegleri geçirmekde başarnygyny görkezen şahslar bäsleşik esasynda kabul edilýär.

Aspirantura girmek hakynda aspirantlary taýýarlamagy amala aşyrýan ýokary okuw mekdebiniň rektorynyň ýa-da ylmy edaranyň ýolbaşçysynyň adyna arza şu resminamalary goşmak bilen berilýär:

- ýokary bilimi hakynda diplomynyň nusgasy we onuň goşundysy (ýokary bilimi daşary ýurtda alanlar üçin – degişli diplomynyň we onuň deň derejelidigini tassyklaýan Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan berlen ykrar şahadatnamanyň nusgasyny);
- işgärleri hasaba almak boýunça şahsy kagyz;
- № 086/h görnüşli lukmançylyk güwänamasy;
- 4x6 sm ölçegdäki üç sany fotosurat;
- neşir edilen ylmy işleriniň sanawy, eger-de okuwa girýäniň ylmy işleri boýunça oýlap tapmalary bar bolsa ylmy-barlag işleriniň we oýlap tapmalarynyň, hasabatlarynyň sanawy;
- hünärine laýyklykda saýlap alan temasy boýunça ylmy referat;
- zähmet depderçesiniň nusgasy.

Aspirantura girýän raýat ýokary okuw mekdebini tamamlandygy hakynda diplomyny (daşary ýurtda bilim alan adamlar üçin – diplom we onuň deň derejelidigi hakynda ykrar şahadatnamany) we şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň asyl nusgasyny getirip görkezýär.